# Kinaýaly degişmeler

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kinaýaly degişmeler

KINAÝALY DEGIŞMELER

Belli nemes şahyry Moris Zafir (1795-1858) edebiýaty öwrenijileriñ biri bilen mazaly jedelleşipdir.
— Siz diñe pul üçin ýazýarsyñyz! — diýip, edebiýaty öwreniji şahyra teýenesini atypdyr. — Men bolsam, wyždan, at-abraý üçin galam işledýän.
— Gaty dogry aýdýañ! — diýip, şahyr bada-bat onuñkyny tassyklapdyr. — Ikimizem özümizde ýok zatlar üçin ýazýas-da!

* * *

Mark Twen balyk tutup ýören ekeni. Onuñ ýanyna nätanyş biri gelip, dyz epipdir-de, ýazyjydan awynyñ oñýandygyny-oñmaýandygyny sorapdyr.
— Häzir meñ gelip durşum, — diýip, ýazyjy oña jogap beripdir.
— Ýöne öten agşam şu ýerden on bäş sany bekre tutdum.
— Çynyñmy? Ýogsa-da, sen meñ kimligimi bilýäñmi?
— Ýok…
— Men şu töweregiñ aw boýunça gözegçisi. Şoñ üçinem gadagan edilen balygy tutanyñ üçin jerime tölemeli borsuñ!
— Ýogsa-da, señ özüñ meñ kimligimi bilýäñmi? — Twen gülüp durşuna ondan sorapdyr.
— Ýok…
— Men şu töweregiñ iñ zyrrajym ýalançysy.

* * *

Bir oturyşykda iki sany ýuwan ýigit Wolteriñ üstünden gülmek maksady bilen oña şeýle sowal beripdir:
— Hormatly ýazyjy, "Bize suw beriñ" diýip gürleseñ dürsmi ýa-da "Bize suw getiriñ!" diýip gürleseñ dürs?

– Siziñ üçin bulañ hiç haýsysam gabat gelenok – diýip, Wolter olara jogap beripdir. – "Bizi suwa ýakmaga güzere äkidiñ!" diýseñiz siziñ häsiýetiñize has laýyk gelerdi…

* * *

Elindäki bilete jogap bermek üçin öñe geçen talypdan bileti alyp, mugallym onuñ birinji soragyny okap:
– Hany, munuñ jogaby nähili? – diýeninde, talyp:
– Mugallym, men ýyl ýüzi şu soraga jogap tapmadym, ähli kitaplary okasamam – diýýär.
Mugallym ikinji soragy okap:
– Onda bu soraga jogap beräý – diýýär.
Talyp şol wagt:
– Diñe ýekeje düşünmedik soragym boldy, olam şu – diýeninde, mugallym:
– Onuñ ýaly bolsa, üçünji soraga jogap berjek hem bolma – diýipdir.

* * *

Bir obada toý bolýar. Bagşy getirilýär. Bagşy ilkinji aýdymyny "Köne güzerden" başlapdyr. Şol wagtam goñşy obadan gelen bir ýigit ýerinden turup, gitmekçi bolýar. Oña:
– Otur, halypa, aýdym ýañy baślady ahyryn – diýişýärler.
Ol köwşüni geýip durşuna:
– Bagşy şu bolsa, ýene iki aýdymdan soñ sesi obamyza ýeter. Men ony öz öýümizde oturyp diñläýjek – diýipdir.

* * *

Tüýdükçi "Ak eşekli" heñini çalyp bolan badyna, gapdalyndaky diñleýänleriñ biri:
– Berekella, dost! Indi "Ak eşeklinem" çalyp ber! – diýýär.
Tüýdükçi:
– Ýañky çalanym şol ahyryn – diýende, diñleýji:
– Asyl, öñden hezil edip otyr ekenig-ow – diýýär.

Degişmeler